# “LIDER” DÜŞÜNJESI

Islendik topar özüniň gurluşyna eýedir. Şeýle gurluş basgançak görnüşinde bolup, onuň çür depesinde toparyň lideri durýar. ,,Lider”(iňlis dilinde leader-alyp baryjy, ýolbaşçy) diýip toparyň garamatyny öz üstüne alan, beýlekileri yzyna düşürip bilýän, inisiatiwaly, iş başarýan, edýän işine düşünýän, toparyň agzalarynyň isleg-arzuwlaryny berjaý etmekde gujur-gaýratyny gaýgyrmaýan, olaryň ynamyna giren adama aýdylýar.

Lider bolup resmi taýdan belli bir wezipä formal saýlanan (synp ýolbaşçy, toparyň toparbaşysy, syýasy partiýanyň lideri, zawodyň direktory we ş.m.) we hukugy hiç bir ýerde kesgitlenmedik, emma sözi geçýän formal däl ýagdaýdaky adam hem bolup biler.

Kiçi toparlarda(bu talyp topary hem bolup biler) toparyň agzalaryny birleşdirmek, jebisleşdirmek hem-de olaryň işlerini ugrukdyrmak toparyň lideriniň paýyna düşýär. Ol toparyň her bir agzasy bilen işjeň gatnaşyklarda bolmalydyr, şeýle gatnaşyklary ýola goýmaklyga borçludyr. Şol bir wagtyň özünde onuň guramaçylyk ukyplary, aýry-aýry taraplary ýüze çykýar hem-de şahsy häsiýeti aýdyňlaşýar: emele gelen situasiýadan baş alyp çykyp bilmek başarnygy, netije çykaryp bilmek, jogapkärçiligi öz üstüne almak, dogry ugry saýlap-seçip bilmek we ş.m.

Liderçiligiň esasy şertleriniň biri az wagtyň içinde köp maglumata eýe bolup bilmek başarnygydyr.

Topar bilen ýola goýulan gatnaşyklarda lideriň özüni alyp barşynyň şahsy stili möhüm rol oýnaýar(awtoritar, berk ýa-da demokratik).

Lideriň üstünligi ýa-da onuň işiniň paşmazlygy toparyň emosional ýagdaýyna uly täsir edip biler. Şonuň üçin lideriň toparyň keýpini öz wagtynda duýmagy, olaryň isleglerini we matlaplaryny bilmegi, bähbitlerini arap çykyş etmegi uly ähmiýete eýedir. Diňe şonda ol köpçülikleýin hereketiň, partiýanyň, jemgyýetiň simwolyna öwrülip biler.

**Aýgözel MEREDOWA**
**Daşoguz welaýatynyň Beki Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk mekdebiniň talyby**

Все права защищены